# Sodom we Gomorra

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sodom we Gomorra SODOM we GOMORRA




Biribar Sodoma girmän, o taýyk özüniň iki sany perişdesini ýollady. Lot arşdan iberilen wekilleri şäheriň derwezesiniň agzynda garşylanda garaňky gatlyşyberipdi. Awraamyň agasynyň inisi olara tagzym kylyp, öýlerine ündedi. Ýolagçylar özlerine mahsus endik boýunça sypaýyçylyk bilen ýok diýşip, köçäniňem kem däldigini tekrarladylar. Emma Lot özelenip duransoň, olar ahyry myhman bolmaga razylyk berdiler. Muňa Lot monça boldy hem-de gyrnaklara süýji çörek bişirmegi we tagam-şor taýýarlamagy buýurdy. Haçan-da, ýolagçylar iýip-içip bolanlaryndan soň Lot olaryň düşegini ýazdyrdy. Ýöne olar ýaňybir başyny ýassyga goýan batlaryna Sodomyň ilaty öýüň daşyny gurşap, iki sany şübheli kese ýerlini özlerine bermekligi talap edip, gygyryşyp başlady. Lot öz myhmanlaryny goramagy mukaddes borjy hasaplady. Ata-babalardan galan myhman hatyrasyny saklamak däbi hem şuny talap edýärdi. Şonuň üçinem ol ahmal galaýmaýyn diýip, gapyny baglap, köçä çykdy hem-de ýat adamlara azar bermezligini öz ildeşlerinden talap edýärdi: Şonuň üçinem ol ol ahmal galaýmaýyn diýip, gapyny baglap, köçä çykdy hem-de ýat adamlara azar bermezligini öz ildeşlerinden özelenip, haýyş edip ugrady: “Ine, meň iki sany gyzym – diýip,

ol halys paltasy daşa degensoň gygyrdy. – Erkek garasyny görmedik şolar. Gowusy, men gyzlammy siziň eliňize bereýin. Şolary näme etseňiz ediň, ýöne meň myhmanlaryma ýamanlyk etmäň. Olar bärik men diýip gelipdirler!”
Ýöne mähelle Lotuň ýalbar-ýakaryna perem berenokdy. Bularyňam üstesine olar Loty ele saldylar. Eger perişdeler iň soňky pursatda ony öýe süýräp dykmadyk bolsalar, onda hökman onuň ganyna galýardylar. Şondan soň guduz açan mähelle gapyny döwmäge başlady. Muňa kanagaty ýetmedik perişdeler işigiň agzynda edenini edip oturan erkek kişileriň barsynyň garagyny gapdylar. Sodomlylar basga galdylar. Olar ahy-nala bilen hem nälet okap, şäheriň içine pytradylar. Lotuň öýüne asudalyk aralaşdy. Şu ýerde-de perişdekler özleriniň kimdigini, Sodoma näme maksat bilen gelendiklerini öý eýesine boýun aldylar. Perişdeler Lota aýalyny hem-de iki gyzyny we olaryň durmuşa çykjak ýigitlerini alyp, weýran etmäge höküm edilen şäherden tizden-tiz çykmaklaryny tabşyrdylar. Lot nätanyş adamlara bada-bat ynandy. Ýöne onuň gyzlaryny aljak ýigitler welin gele-gelmäne tumşuklaryny ýokaryk tutup, bu zatlara ynamsyzlyk etdiler. Olar myhmanlaryň aýdanlaryna gülşüp, öz mähriban şäherlerini taşlamajakdyklaryny tekrarladylar. Daň agaryberende, haçan-da, ýola ugramaly boluberende Loty hem alasarmyk duýgular gaplap aldy. ol wagt saklaýardy, haýal-ýagallyk edýärdi, ahyry perişdeleriň her biri onuň bir goltugyndan tutup, zorluk bilen şäherden alyp çykdylar. Perişdeler derwezäniň agzynda Lotuň maşgalasyna daga tarap gitmegi, ýöne hiçý biriniň yzyna gaňrylmazlyklaryny tabşyrdylar. Gaçyp barýanlar Sigor diýen ýýerjagaza ýetenlerinde yzlarynda gulaklary kamata getiriji aýylganç gümmürdi eşitdiler. Sodom bilen Gomorra kükürtdir oduň çabgasy indi. Tutuş zemin lerzana gelipdi, şäherler bolsa sähel salymda tüsseläp duran harabalyga öwrüldi. Dinsiz ilatyň ýekejesi-de aman galmady. Sodom bilen Gomorranyň depesinde ajal ümsümligi höküm sürdi. Haýp, Lotuň aýaly perişdeleriň sargydyna gulak gabartman, yzyna gaňryldy hem-de şol bada şor sütüne öwrüldi.
“Watan” gazetiniň “Edep” sahypasy, 1997 ý. Halk döredijiligi we rowaýatlar